# Ýamandan boýuňy satyn al / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýamandan boýuňy satyn al / satiriki hekaýa ÝAMANDAN BOÝUŇY SATYN AL

Söwdanyň, şeýle hem alyjylar jemgyýetiniň hyzmatyndan peýdalanmakda her kim her dürlüçe hereket edýär. Goňşym ýörite gapan edindi. Syçan gapany, tilkidir şagal tutmak üçin ulanylýan gapan däl. Ol başga gemrijini awlamak üçin gapan terezisini edindi. Öýünde gurdy goýaýdy. Kartoşka ýaly zatlary larýokdan alyp öýüne getirip çekip görýär. Bäş kilo kem çyksa bir tabletka derman atýar. On kilo aldansa iki tabletka, wessalam. Onuň öýünde goşa okaraly terezi hem bar. Az-owlak zatlary şonda çekip görýär. Goňşym walidol, wolokardin ýaly ýürek agyrynyň dermanlaryny içmäge, garaz, sebäp tapýar-da. Mata-marlyk ölçemäge metri-de bar. On kilograma çenli çekip bilýän ýaýly, pružinli el terezisem bar. On-a dükana söwda etmäge gidende ýany bilen alyp gidýär. Bir gezek hut dükanyň adresine «Tiz kömek» çagyrmaly boldy. Satyjy üçin däl, goňşym üçin. Ol dermanlaryny ýatdan çykaryp giden bolsa nätjek. Indi-hä gaty mukyt bolupdyr. Dermansyz öýden çykanok. Men onuň ýaly gödek oýunlary edemok. Agzym bişdi. «Süýtde agzy bişen, suwy üfläp içer» diýen dana söze men gaty wepaly. Bir gezek öýüme milisioner geldi. «Sen, graždanin häzir düş öňe. Satyjynyň kellesine urup seňseledipsiň. Ol häzir keselhanada, renimasiýada özüni bilmän ýatyr» diýdi. Ýüregim ýaryldy. Milisioneriň gelmeziniň öň ýanynda dükana baryp oduk-buduk alyp gaýdypdym. Togsan köpük gaýtargymy satyjy bermändi. Berer öýdüp kän garaşdym. Ol prilawkanyň ýeňsesine egildi. Şaýlyk gözleýändir öýdüp menem duruberdim. Şol egleninde kellesine gan eňen ekeni. Meniň ondan habarym ýok. «Alladan tap» diýip gaýdyberdim.
Arada reýde meňzeş bir barlag geçirdik. Oňa sosiologik barlag

diýilýär. Dükanyñ işiginde mikrofonly durduk-da söwda edip çykan alyjylardan habar aldyk. Netije şeýleräk boldy:
Gaýtargydan namutlar we az-owlak gaýtargy alanlar, oh-oh-oh-o, 66,1 prosent!
– Gaýtargyñy hemişe talap edýäñmi?
Bu sowala 15,1 prosent alyjy «hawa» diýip jogap berdi.
Alyjynyñ 74 prosenti «gaýtargymy käte talap edýän, käte talap edemok» diýdi.
12,5 prosenti «gaýtargy soramok» diýip jogap berdi.
– Näme üçin gaýtargyñy talap edeñok?
– Kiçilik islämok – 11,6 prosent.
– Özüme ownukçyl diýdirmejek bolýan – 8,7 prosent.
– Utanjañlyk, ýüzleklik gursun – 24,1 prosent.
– Gödek jogap eşitmekden gorkýanlar – 3,8 prosent.
– Ýamandan boýuñy satyn al – 32,1 prosent.

Gurbangylyç HYDYROW. Satiriki hekaýalar